# Paýdarlar jemgyýetleriň gymmatly kagyzlarynyň goýberilişini döwlet belligine almak

Paýdarlar jemgyýetleri (mundan beýläk - PJ-i) döredilenden soň, pul serişdeleri çekmek we girdejileri ýokarlandyrmak üçin gymmatly kagyzlar goýberilýär. Şeýle gymmatly kagyzlara paýnamalar diýilýär.

PJ-i döwlet tarapyndan hasaba alnandygy barada şahadatnama alandan soň, başga bir möhüm tertibi ýerine ýetirmelidir: paýnamalaryň goýberilişini döwlet tarapyndan bellige almak we paýnamalaryň goýberilişiniň netijesi baradaky hasabatyny döwlet tarapyndan bellige almak bolup durýar. Bu tertip belli bir bilimi talap edýär. PJ-niň  paýnamalary esasan atly resminamalaşdyrylmadyk gymmatly kagyzlardyr.

PJ-i döredilende 2014-nji ýylyň 8-nji noýabryndaky 139-V belgili “Gymmatly kagyzlar bazary hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, dolanyşyga paýnamalaryň goýberilişi ýa-da gymmatly kagyzlaryň emissiýasy amala aşyrylýar we emissiýaly gymmatly kagyzlaryň (paýnamalar, obligasiýalar we emitentiň opsionlary)  goýberilişi  döwlet tarapyndan hökmany bellige alynmagyny talap edýär.

Gymmatly kagyzlaryň goýberiliş tertibi "Gymmatly kagyzlar bazary hakynda" Türkmenistanyň kanuny bilen kesgitlenilen.

"Gymmatly kagyzlar bazary hakynda" Türkmenistan Kanunynyň 1-nji maddasyna laýyklykda, gymmatly kagyzlaryň emissiýasy diýilip, gymmatly kagyzlary ýerleşdirmek boýunça emitentiň alyp barýan işleriniň yzygiderliligine düşünilýär.

Gymmatly kagyzlary ýerleşdirmek boýunça agazalan hereketler, gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň tertibini emele getirýän we olar birnäçe tapgyra birleşdirilýär. Umuman alanyňda, "Gymmatly kagyzlar bazary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 35-nji maddasyna laýyklykda, gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň tertibi şu aşakdaky tapgyrlary öz içine alýar:

1) emitent tarapyndan emissiýa hakynda çözgüdiň kabul edilmegini;
2) emissiýanyň prospektiniň taýýarlanylmagyny;
3) emissiýanyň gymmatly kagyzlaryň ýeke-täk döwlet sanawynda bellige alynmagyny;
4) gymmatly kagyzlaryň, gymmatly kagyzlaryň sertifikatlarynyň taýýarlanylmagyny (goýberilişiň reminamalaşdyrylan görnüşi üçin);
5) gymmatly kagyzlaryň ýerleşdirilmegini;
6) emissiýanyň jemleri hakynda hasabatyň tassyklanylmagyny;
7) emissiýanyň prospektinde bar bolan maglumatlaryň açylmagyny;
8) emissiýanyň jemleri hakynda hasabatda bar bolan maglumatlaryň açylmagyny.

Emissiýanyň prospektiniň taýýarlanylmagy we onda bar bolan maglumatlaryň açylmagy emissiýaly gymmatly kagyzlar açyk ýerleşdirilen halatynda amala aşyrylýar.

**Gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň pospekti**. Gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň pospekti emitentiň resminamasy bolup, emitentiň maliýe-hojalyk işi, onuň gymmatly kagyzlary, dolandyryş edaralary, gatnaşyjylary (paýdarlary) hakynda, emitent barada jikme-jik maglumatlary öz içine alýa.

Umuman, gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň prospekti birnäçe bölümlerden ybarat bolup biler:

**I bölüm** - emitentiň dolandyryş edaralaryna girýän şahslar barada, şeýle hem emis- -siýa prospektine gol çeken beýleki şahslar barada gysgaça maglumatlar;

**II bölüm** - emitent barada jikme-jik maglumatlar;

**III bölüm** - gymmat kagyzlary ýerleşdirmegiň tertibi we şertleri barada jikme-jik maglumatlar;

**IV bölüm** - emitentiň maliýe - ykdysady ýagdaýy barada maglumatlar;

**V bölüm** - emitentiň gatnaşyjylary (paýdarlary) barada maglumatlar;

**VI bölüm** - emitentiň buhgalterçilik hasabaty we beýleki maliýe maglumatlar;

**VII bölüm** - emitent we onuň ýerleşdirilen gymmatly kagyzlary barada goşmaça maglumatlar.

**Gymmatly kagyzlaryň emissiýa prospektiniň esasy maksady** - doly we ygtybarly maglumatlary açmakdyr, olaryň esasynda maýadarlar öz üstüne alýan töwekgelliklere obýektiw we esasly baha berip, deňagramly hem-de delillendirilen maýa goýum çözgüdini kabul etmäge mümkinçilik bolar.

**Gymmatly kagyzlaryň (paýnamalaryň) goýberilişini bellige almak.** “Gymmatly kagyzlar bazary hakynda” Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda, emissiýaly gymmatly kagyzlaryň (paýnamalar, obligasiýalar we emitentiň opsionlary) goýberilişi hökmany döwlet bellige almagy göz öňünde tutýar.

Gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň döwlet tarapyndan bellige alynmagy Gymmatly kagyzlaryň ýeke-täk döwlet sanawynyň saklaýjysy-ygtyýarly edara tarapyndan amala aşyrylýar.

Emissiýanyň bellige alynmagy üçin emitent ygtyýarly edara şu resminamalary bermäge borçludyr:

1) bellige almak üçin arzany;
2) gymmatly kagyzlaryň emissiýasy hakynda çözgüdini;
3) emissiýanyň prospektini - gymmatly kagyzlar açyk ýerleşdirilen halatynda;
4) emitentiň esaslandyryjy resminamalarynyň göçürilen nusgalary.

Ygtyýarly edara şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen resminamalary alandan soň 30 senenama gününden gijä galman emissiýany bellige almaga ýa-da bellige almakdan ýüz öwürýändigi hakynda delillendirilen çözgüdi kabul etmäge borçludyr, bu barada ýazmaça görnüşdearza beren emitentiň dykgatyna ýetirilýär.

Gymmatly kagyzlaryň emissiýasy döwlet tarapyndan bellige alnan mahalynda ygtyýarly edara tarapyndan şol goýberilişe döwlet bellige alyş san belgisi berilýär.